# Türkmenistan we Ýaponiýa hyzmatdaşlygyň ösmegini ara alyp maslahatlaşdylar

Türkmenistanyň ilçisi Atajan Mowlamow 2-nji dekabrda Yslamabatda Ýaponiýanyň Pakistandaky täze bellenen ilçisi Akamatsu Şuiçi bilen duşuşdy. Taraplar ýurtlaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de ösmegini ara alyp maslahatlaşdylar.

Atajan Mowlamow ýapon kärdeşini Pakistanda diplomatik korpusyň iş we ýaşaýyş şertleri bilen tanyşdyrdy. Türkmenistanyň wekili Täze dogan Gün ýurdunyň täze ilçisi bilen netijeli we özara bähbitli hyzmatdaşlyga umyt bildirdi.

Öz gezeginde Ýaponiýanyň ilçisi özara bähbitli gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösmegine ygrarlydygyny tassyklady, mähirli garşylandyklary we wagt tapandyklary üçin minnetdarlyk bildirdi. Duşuşygyň ahyrynda söhbetdeşler üstünlik arzuwlaryny alyşdylar we aragatnaşyklary dowam etdirmek barada ylalaşdylar.

Все права защищены